# Pentagon Ukrainada biologiki ýaragyñ üstünde işleýär

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Pentagon Ukrainada biologiki ýaragyñ üstünde işleýär ABŞ-da PREZIDENTLIK KANDIDATURASYNA TAÝÝARLANÝAN KENNEDI: PENTAGON UKRAINADA BIOLOGIKI ÝARAGYÑ ÜSTÜNDE IŞLEÝÄR




*«Islendik biologiki ýaragyñ ýanynda onuñ waksinasy-da taýýarlanylýar».*
*Soñky pikir soralşyklar Robert Kenediniñ Demokratik partiýanyñ birinji tapgyr saýlawlarynda 15% ses aljagyny çaklaýar* ***(Reuters)***
ABŞ-da 2024-nji ýylyñ saýlawlarynda Demokratik partiýanyñ talaşgäri bolmak üçin orta çykan Robert Kennedi Jr (kiçisi) amerikan žurnalisti Taker Karlsona interwýu berdi.
Kennedi interwýusynda Pentagonyñ biologiki ýaragyñ üstünde işlemek üçin Ukrainada laboratoriýalar açandygyny öñe sürdi. R.Kennedi «Ukrainada laboratoriýalarymyz bar, çünki biologiki ýaraglaryñ üstünde işleýäris. Bu ýaraglaryñ taýýarlanmagynda sintetiki biologiýa, CRISPR (gen seteranlygy) tehnologiýasy, öñki nesilde mümkin bolmadyk inženerçilik tilsimatlary

ulanylýar» diýdi.
Ol sözüni dowam etdirip: «Pentagonyň 2001-nji ýyldan bäri biologiki ýaraglara maýa goýumlaryny goýup gelendigini nygtaýan Kennedi «Şol wagtlar aladalydylar. Çünki Ženewa şertnamasynyň bozulan ýagdaýynda beýtmek öz boýnuňa syrtmagy saljak etmişdi. Pentagon bar güýji bilen biologiki ýaraglaryny kämilleşdirmek babatda alada galýardy we biohowpsuzlyk boýunça ygtyýarlaryny Saglygy goraýyş we Sosial hyzmatlar ministrligine tabşyrdylar» diýdi.
Aradan geçen ýyllarda ýagdaýyň üýtgändigini öňe süren R.Kennedi «Biologiki ýaragy taýýarlan wagtyňyzda onuň garşysyna waksinasyny-da taýýarlamaly bolýar. Çünki biologiki ýarag ulanylan hadysalaryň ýüzde ýüzünde yza depmeler bolýar we siziň tarapyňyzam kesele ýolukýar» diýdi.
Kennediniň Ukrainada ABŞ-na degişli laboratoriýalaryň bardygyny aýdan gürrüňi has öň Russiýanyň hökümeti tarapyndan prta atylypdy.
Aprel aýynda Russiýanyň Parlamentinde taýýarlanan habarnamada Pentagonyň harby-biologiki maksatnamasynyň has ulalandygy we terrorizme garşy göreş maksatnamasyna duwlanyp ýöredilýändigi öňe sürlüpdi.
Habarnamada laboratoriýalaryň hemmesinde Pentagona garaşly hünärmenleriň işleýändigi aýdylyp, ýer eýesi ýurylaryň diňe ikinji derejeli netijeleri gazanyp bilýändigi öňe sürlüpdi.
ABŞ-nyň 35-nji prezidenti Jon F.Kennediniň inisi, ABŞ-nyň öňki Adalat ministri Robert F.Kennediniň ogly R.Kennedi (kiçisi) kowid-19 pandemiýasy döwründe sanjyma garşy çykýan pikirleri bilen tanalan şahslaryň biridi.
R.Kennedi prezidentlige kandidaturasyny goýmak bilen ABŞ-nyň prezidenti Jo Baýdeniň iň esasy garşydaşy hasaplanýar.

Taker KARLSON.

Sişenbe, 15.08.2023 ý. Publisistika